# Dünýä şeýle guralan (hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 2 апреля, 2025



Garry seýsiň sesi ysgynsyz eşidilse-de, düşnüklidi:

– At bir adamyny ýowdan alyp çykar, kimem bolsa biri halas bolmaly. Kim?

Bu söz duşman sütemindenem agyrdy. Onda-da çenini bilýän oguzlara. Haýsy oguz: «Sen gal, men gideýin» diýer. Ýöne halas bolmak üçinem «çüw, atym» diýip, atyň böwrüni debsiläp gidibermeli däldi. Sen bagta töwekgellik, onda-da uly töwekgelçilik edip, ajal bilen ýüzbe-ýüz bolmaly. Eger sen ony başarmasaň, dünýe bilen hoşlaşjak ýeke seniň gara başyň däl. Bütin Paryzdepäniň ykbaly saňa bagly. Hemmäni oýlandyrýan şoldy. Şonuň üçinem mähelle agyr dymýardy. Hatda doýagarna emmeden doýmadyk iňňäbäbegem ene gursagynyň gürsüldisine düşünýän ýaly aglanokdy. Ýöne garry seýis kimdir biriniň halas boljagyny gaty ynam bilen aýdýardy.

– Entejik oguz iline atam gerek bolar, seýsem… Bir adam halas bolmaly bolsa, goý, garry seýis başyny gutarsyn…

Bulutlary böwsen ýyldyrym ýaly bu güňlenç ses ýüzdenem gowrak ýaşan oguz gojasynyň sesidi. Böwet ýarylansoň, ýapaşakdan gaýdylan ýaly boldy.

– Garry seýsiň agtygy mirasdüşer azat bolsun!

– Ýok, ýaş Melike ata atlansyn!

Garry seýsiň goluny götermegi bilen gowurdy peseldi. Ol bir zatlar diýjek bolup, dodaklaryny müňküldetdi. Soňam agzyndan şeýle sözleri çykardy:

– Ertirki gün hakykaty ýazar ýaly, mollaçyr ýigitleriň biri ata atlansyn…

Paryzdepede eline galam alýan ýetikdi. Şonuň üçinem şolaryň biri «Men hatdat» diýip orta çykar öýdüldi. Ýöne çykan bolmady. Garry seýis sözüni üçünji ýola gaýtalady. Entegem mähelläniň tolgunyp durşudy. Bu has erbedi boldy. Sebäp duranlaryň ýüzi birmeňzeş bolmasa-da, hesretleri birdi. Adamlar hataly ýaly, ýüzlerini has aşak sallady.

Garry seýis ýene bir zatlar diýjek bolanda, mähelläni itenekleşdirip, hortap ýigit orta çykdy. Onuň ýüzi uzakdaky sähra ýaly sargyltdy. Öte horugandanmy ýa bolşumy, hereketem gowuşgynsyzdy. Ýöne çaganyňky ýaly aýdyň gözleriniň gyrasynda saklanyp galan gamgynlyk, oňa bolan garaýşy – nebsagyrma ýaly bir zady oýarýardy. Ol dünýeden hiç zat hantama bolman, öz arzuwy bilen ýaşap ýören Işannurdy. Käte onuň goşgy beýlekem goşaýmasy bardy. Adamlar onuň goşgularyny hernä gamgyn pursatlary ýatlardylar. Soňam agyr dymşyp: «Şuň goşgusyny diňleseň, Hudaýyň ýanyna barýan ýaly bolýaň…» diýerdiler. Onuň goşgulary uly dünýä ýüzlenip aýdylýan setirlerdi. Işannur sözi şundan başlady:

– Men hatdat däl, bükülen barmaklarymam, gaty gyssamasalar,

zordan sanaýan. Sowat meň ýaly pukara oglan götärden agyrrak telpek… Eger il-ulus unasa, şo ýumşa synanyp göreýin.

Elbetde, ýigidiň howply ýola gadam urmagy hormata mynasypdy. Ýöne söýginiň öz ýoly bardy. Wadanyň, gyz sözüniň göni gelen terki ajaly saklaýanlygy barada eşidipdim. Işannuram şonuň üçin bu dünýede ýaşamagyň, azajygam bolsa, ýeňilräk bolmagy üçin, ýene-de ýaşasynyň gelýänligi üçin şeýdendir. Belki-de, ýyly söz eşitse, dünýeden gitmegem özüne beýle bir agyr bolmazlygy üçin şeýdendir. Ýigit ýumşy bitirmäge ugramazdan öň mähelleden biraz puryja diledi. Her näçe kyn görselerem, halaýyk onuň diýenini kabul etmeli boldy. Şeýdip, agyr ýoluň ýolagçysy arzymanynyň ýanyna ugrady.

Işannuruň bagtyna, öýleriniň golaýyna baranda, gum gögerçini pisint pasyrdap, Ogulla çykdy. Ýagdaýy eşiden gyz, özünde oňa bolan hiç hili duýgynyň ýokdugyna garamazdan, il-günüň, ýurduň halas bolmagynyň hatyrasyna dolanyp geljegi gümana bolan mert ýigidiň päk söýgüsiniň hormatyna başyndaky öýme ýaglygyny onuň münüp gelen bedewiniň – Garagünäniň boýnuna daňyp, şeýle sözleri gysganman aýtdy:

– Sag-aman gidip gel… Paryzdepe saňa garaşar…

Ol: «Men saňa garaşaryn» diýmän, şäheriň adyny tutdy. Onda-da bu söz – gyz sözi düşnüklidi. Indi ýigide ölüm ýokdy…

Ýigit gidişi ýaly kän eglenmän, mähelläniň arasyna dolanyp bardy. Garry seýis öz gardaşyny ýowuz ýola ugratmaly bolýanyna gynanyp, atynyň boýnuny gujaklady.

– Birinji okdan aman sypsaň, ikinji oka at ýetdirmez. Sag-aman giňlige çyksaň, düýe agynan urpajyk guma ýeteňde öwrüm etgin, halas bolanyňy bilerimiz ýaly. – Soňky sözüni ol pyşyrdap aýtdy: – Ata gamçy çalmagyn…

Mähelläniň bary gözara tarap eňdi. Birhaýukdan kiçijik tüweleý ýaly çalaja tozan dik asmana göterildi. Tozany görüp, indi niçeme günden bäri ýylgyrmak diýlen zat ýat bolan mähelläniň

ýüzünde çalaja ýagtylyk göründi. Şol ýagtylyk paryzdepelileriň ýüzünden soň-soňlaram aýrylmady.

* * *

Ýow gaýtaryldy. Işannuram, bedew atam iline dolandy. Ýöne gyz sözünden dändi. «Paryzdepäniň aman galmagy üçin şeý diýmeli boldum» diýdi.

Bir gün Ogulla bilen Işannuruň arasynda şeýle gürrüň boldy:

– Öňräkden bäri seni gowy görüp ýörün…

Işannuruň sesi ysgynsyz çykdy.

– Bilýän, ýöne özümiň seni gowy görüp bilmeýänimem bilýän…

– Seniň üçin oda girdim…

– Ýürege giren bolsaň, has gowy bordy.

Şeýle günleriň birinde ýene bir şumluk ýaýrady: «Işannur obadan çykyp gidipdir. Özem, «Söýlüp ýaşalmadyk dünýede, ýaşamak nämä gerek» diýýämişin.

Işannuruň halyna gynansa-da, gyz öz ýüregine emr edip bilmedi. «Eger şol wagt men oňa ýyly söz bermedik bolsam, Paryzdepe heläk bolardy. Men oň aman-sag dolanmagy üçin, il-günüň sag-salamat bolmagy üçin öz ýüregimi aldap, şeý diýmeli boldum. Hak iş üçin ýalan sözläýseňem bor-a» diýip, ol öz göwni bilen jedele girdi.

«Sen söýgi hakda söz açdyň-a» – diýip, göwnem ýeň bermedi.

Ogulla sesini çykarmady. Göwni ýene hüjüme geçdi: «Sen özüňkini dogry edip, paryzdepelileriň ýüzüni ýere salmandygyňa ynamyň barmy?».

Ogulla-da ýeň bermedi: «Bar. Azajygam bolsa, ýürek gozganaýsa, ol däl-dä».

«Näme, ýürek gozganyp-gozganmaz ýaly, söýgem ylymdyr öýdýärmiň?! Ýaşaberseň, söýersiň».

* * *

Şol günden başlabam bujurygy çykan günleriň gapysy giňden açyldy. Entek beýle bir güýçli ýel bolup duranokdy, ýöne boljagy ikuçsuzdy. Şonuň üçinem Ogulla gündizlerine ertirki günüň näjüre boljagyny sähranyň ýüzüne seredip biljek bolýardy. Niçikmi, goýun-geçi pyşgyryp, burnuny arçaberse, onuň owadan gaşlary ünjüli çytylýardy. Bu janly tebigatyň üýtgejekdigini aýdýardy. Guşlar hatara düzülip, çöp-çalama münüberselerem, ol ýene kör keýplenýärdi. Bu görnüş harasadyň öňüsyrasyndaky alamatdy.

Gijelerine ol birsyhly Aýa seredýärdi. Aý agyllaberse, onuň ýüregine dowul düşmek bilen bolýardy. Sebäp Aý agyllasa, şemal kybla aýlanýardy. Kybladan öwüsýän şemal has gorkulydy, Ogullanyň ýüregi ýaly geçirimsizdi. Ol hiç bir zada eglişik etmän, öňünde duran zatlaryň baryny süpürip taşlaýardy. Harasat gopjak bolanda, ilki sähra saralyp, agyr dymýardy. Soňam aşyrym-aşyrym ýeller öwsüp başlaýardy. Gyz şeýle ýellerde öýüň jygyldysyna diň salýardy. Göwnüne gara ýel ony göterip, hol beýläk zyňyp goýberjek ýalydy. Öý ikibaka guduraýan ýeliň öňünde, süňňüni saklap bilmän titreýärdi, yranýardy, uklary ýerinden sypaýjak-sypaýjak bolup jygyldaýardy. Ýöne entek ýerindedi.

Ýel köşeşensoň, Ogulla Öwekgä seredip, ýuwaşja gürlärdi:

– Öwekge, bar görüp gel, uklar çöşülmän durupmy?.. – Ol şeýle diýip, nazary bilen oglany ugradýardy hemem içinden: «Öwekge, sen bolmadyk bolsaň, men näderdim?!» diýýärdi.

Şeýle günleriň birinde Öwekgä Işannur gabat geldi. Arkasyny şatärime ýaplap oturyşyna ol şeýle diýdi:

– Muňa özüm günäkär, söýmedik gyzy söýjek boldum.

Öwekge bu zatlary Ogulla gürrüň berdi. Ogulla aglady. Ol:

– Öwekge, günämi haýsy suw bilen ýuwup aýryp borka? – diýdi.

Öwekge onuň ýüzüne ýalt edip seretdi. Göwnüne Ogullanyň gubarlan gözünde bir zat – täze bir gowy zat görünýän ýaly boldy.

– Sende-de, Işannurda-da günä ýok… Günäkär – Işannuruň çirksiz söýgüsi hemem seniň uçursyz owadanlygyň…

Ogulla asuda hesreti bilen ýüzüni sallady.

– O ýerde – sähranyň içinde oňa ýaşamak ýeňil düşer ýaly näme etseň gowy borka?

Ogullanyň gözlerinde şol pursat söýginiň uçguny görnüp giden ýaly boldy.

* * *

Ýatlamalardan doly asuda gije gündogardan günbatara haýallyk bilen geçip barýardy. Sähra iri damjalaryny gysganyp geçen ýagşyň çygyny enesini emýän çaga ýaly, nebsewürlik bilen sorýardy. Garamtyl asmanda ýyldyzlar ak patrak bolup durdy. Olaryň käbiri çalaja seljerdýärdi. Emma onsuz asman bezegi kemter bolaýjak ýaly bolup görünýärdi. Ýyldyzlar Gün dogmazyndan öňürti, öz görmegini görkezmek üçin lowurdaşýardy. Ynha, bahym Ogullanyň garaşýan jübütlik ýyldyzy – Ülkerem görner. Onsoň asman hasam owadanlaşar…

***Öwezmyrat ÝERBENDI.***

***Suraty çeken Nurana Babamyradowa.***